# Ýerdäki ähli buzlar eránde

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýerdäki ähli buzlar eránde ÝERDÄKI ÄHLI BUZLAR ERÄNDE



Häzirki günde klimat öňküden 10 esse çalt üýtgeýär. Çaklamalara görä 2075-nji ýylda Gollandiýa we Bangladeşiň aglaba bölegi suwa gark bolar. Ýylsaýyn tokaýlaryň we ýaşyl baýyrlaryň ýerine senagat kärhanalary gurup atmosferany zyýanly gazlar arkaly zaýalaýarys. Şeýlelikde howa kadaly ýagdaýyny ýitirdi we global maýylganlyk başlady.
Dünýä belli "National Geographic" žurnaly geljekde Ýerdäki ähli buzlaryň erejekdigini çaklap birnäçe kartalar taýýarlapdyr.

- **Türkmenistan**

Global maýylganlyk Türkmenistanda peýda getirermi ýa zyýan getirermi çaklamak mümkin däl. Howanyň beter yssy boljagy belli. Buzlaryň eremegi bilen diňe Balkan däl, Ahal we Daşoguz

hem kenarýaka welaýatlara öwrüler.
Kartadan görşümiz ýaly, Türkmenbaşy, Hazar, Gumdag şäherleri bütinleý deňize siňip gidipdir. Balkanabadyň bolsa ýagdaýyny çaklamak başardanok. Belki daglyk ýerde ýerleşmegi bu şäheri suwdan halas etmegi mümkin.
Deňiz Aşgabadyň takmynan 50-60 km golaýyna ýakynlaşar. Köneürgenç şäheri deňziň kenarynda ýerleşer. Aşgabatdan Etrek we Köneürgenje gämi arkaly syýahat etmek mümkinçiligi dörär.

- **Ýewropa**

London, Sankt-Peterburg, Belgiýa, Gollandiýa we Daniýa suwa gark bolar. Skandinaw we Pribaltika ýurtlarynyň esasy ýerlerini suw basar. Olar täze şäherlere göçmeli bolarlar.
Garadeňiz ulalyp Hazar deňzine biriger. Şeýlelikde Hazar geografiki taýdan hakyky deňze öwrüler (Häzirki wagt köl hasaplanýar).




- **Aziýa**

600 million hytaýly suwa gark bolmazlyk üçin başga ýerlere

göçmeli bolar. Banlgadeş döwleti bütinleý ýok bolar. Ýaponiýa we Koreýa ýaly ýurtlaryň deňize kenary bolmadyk şäherleri hem kenarýaka sebite öwrüler.

- **Amerika**

Florida ştatynyň uly bölegi suw astynda galar. Amazon derýasy Amazon deňzine öwrüler.

- **Antarktika we Awstraliýa**

Buzlar eränsoň Antarktika ýaşyl baýyrly materige öwrüler. Aswtraliýanyň içinde deňiz dörär ýöne uly şäherlerine zyýan ýetmez.

Buzlaryň erejekdigi kä halatlarda gowy täzelik ýaly görünýär. Ýöne beýle däl. Buzlary eretjek iň esasy zat yssy howa bolar. Häzirki wagt planetamyzda ortaça tempratura 15 gradus. Buzlaryň eremegi bilen ol 27 gradusa çenli ýokarlanar. Bu bolsa tas iki esse yssy diýmek. Pikir edip görüň, häzir biz 40 gradusdan ýokarysyna zordan çydaýarys. Buzlar erese ol 75-80-e çenli ýokarlanar. Bu bolsa adatdaky ýaly ýaşap bilmejekdigimizi aňladýar.
Žurnalyň ekspertleri buzlaryň eremegi üçin 5000 ýylyň gerekdigini çakladylar. Ol wagta çenli bu planetada ýaşaýyş dowam edermi, olam belli däl.

@Ortanjy, WordPress, 31.08.2014 ý.

# Internetden alyndy. Publisistika